# Näme üçin okamaly?

Category: Kitapcy,Pedagogika we edep-terbiýe
написано kitapcy | 23 января, 2025
Näme üçin okamaly?

NÄME ÜÇIN OKAMALY?

Her bir medeniýet hökmany suratda haýsydyr bir edebi çeşmeden gözbaş alýar. Gadymy grek klassyklary, Rim hukuk ulgamy we hristiýanlyk günbatar medeniýetiniň gözbaşynda “eserler ýygyndylarynyň” bölekleri durandyr. Hindistanda “Ramaýana” we “Wedalar”, Eýranda “Şanama”, Gresiýada bolsa, Gomeriň eserleri bu halklaryň özboluşly medeniýetini emele getiren edebi çeşmelerdir. Ýeri, biziň esasy çeşmelerimiz haýsylarka? Biziň milli mirasymyzyň gözbaş alýan çeşmeleri şulardyr: Kurany Kerim, sünnet, ijma2, kyýas3, istihsan4, maslahat5, tasawwuf (sopuçylyk), kelam6, urp-adat we däp-dessurlar. Şulardan ugur alyp, biziňem kitaba esaslanýan mirasymyzyň bardygyny aýtmak bolar. Diýmek, bizi emele getirýän gymmatlyklar kitapdan gözbaş alyp gaýdýar. Bu gymmatlyklar halkymyzyň ençeme ýyl bäri bir durkuny saklap, öz barlygyny dowam etdirmeginde hemişe esasy rol oýnapdyr.

■ Musulmanlar we kagyz senetçiligi

Musulman araplar Allanyň adyny ýaýmak üçin Orta Aziýa eden ýörişleriniň birinde, 751-nji ýylda Samarkandyň golaýynda bolan söweşde gaty köp hytaýlyny ýesir alýarlar we olardan kagyz öndürmegi öwrenýärler. Munuň netijesinde, 794-nji ýylda Harun Reşidiň weziriniň ogly el-Fazl tarapyndan yslam dünýäsinde Bagdatda ilkinji kagyz öndürýän kärhana açylýar. Soňra kagyz önümçiligi giň gerim alyp, 900-nji ýylda Kaire, 1100-nji ýylda Marokka, 1144- nji ýylda bolsa, Ispaniýa çenli baryp ýetýär we bu ýerden hem Ýewropa geçýär. Ýewropada, ilkinji bolup, Italiýada 1268-nji ýylda kagyz kärhanasy işläp başlaýar. 1228-nji ýylda Germaniýada, 1309-njy ýylda bolsa, Angilýada kagyz önümçiligi ulanyşa girizilýär.

Ylmyň öňdebaryjjylary bolan alymlarymyzyň çeken zähmetiniň netijesinde, orta asyrlarda, heniz Ýewropanyň sowatsyz zamanynda Yslam ýurtlary “altyn eýýamda” ýaşaýardyrlar.

■ Deňeşdirme

Bar bolan maglumatlara görä, Yslam dünýäsinde orta asyrlarda on milliondan gowrak uly kitaphana bolupdyr. Yslam dünýäsi X asyrda ýygyndylaryň baýlygy hem-de kitaphanaçylyk usullary boýunça Ýewropadan 200-300 ýyl öňde barýardy. Orta asyrlarda Ýewropa ýurtlarynda kitaphanalarda kitaplar tekjelere zynjyr bilen baglanyp goýulýan eken. Haçan- da okyjylar kitap okamakçy bolanynda, olara kitaby tagta haçjalara baglap beripdirler. Hatda geň galmaly zat, bu babatda has-da berk düzgünler-de girizilipdir we kitaplar, hatda, demir gözenekleriň arkasyndan hemokadylypdyr.
“X asyrda Ispaniýadaky Kordowa halyflygynda ylym-bilim Ýewropa bilen asla deňeşdirip bolmajak
derejede ösendi. Halyf el-Hakemiň kitaphanasynda alty ýüz müň golýazma kitap bolup, olaryň kyrk dört sanysy katalogdan ybarat eken. Şol döwürden dört ýüz ýyl geçenden soň hem Ýewropada “Dana Çarlz” ady bilen meşhurlyk gazanan fransuz koroly Çarlz V-iň şahsy kitaphanasynda bary-ýogy dokuz ýüz töweregi eser bar ekeni”.
Ispaniýadaky musulman topraklara çozup giren hristiýanlar, gynansagam, 771-nji ýylda gurlup, tä XV asyryň başlaryna çenli dowam eden 800 ýyllyk beýik medeniýetiň bütin eserlerini ýok edipdirler. Kurtubada diňe katalogy 44 jiltden ybarat bolan 600 müň golýazma kitaby Granadany eýelän hristiýanlar tarapyndan şäheriň meýdançasynda günde 80 müň sanysy ýakylyp ýok edilipdir.
Bu babatda yslam dünýäsinde ylmy gözlegler geçiren fransuz Rozental şeýle diýýär: “Hiç bir ynanç ulgamynda, edil Yslamda bolşy ýaly, din bilen ylym bir-biriniň içinden eriş-argaç bolup geçen däldir».

■ Kitapsyz halk” näme diýmek?

Kitapsyz bir jemgyýet bolup bilermi? Aslynda, her jemgyýetiň bir kitaby bar. Esasy zat, jemgyýetiň haýsy kitaba daýanýandygy hem-de ol kitabyň şol jemgyýete nämeleri gazandyrandygydyr. Kitabyň hakyky gymmatyna düşünmeýän, kitap okamaklygy iň esasy işleriniň hataryna goşmaýan halklara “kitapsyz jemgyýet” diýip bolar.
Jemil Meriç: “Her jemgyýet bir kitaba daýanýandyr. Seniň kitabyň haýsysy?” diýen soragy bermek bilen, medeniýet meýdanynda we ynanç ulgamy babatynda-da “adam diýeniň kitaba bagly bolmalydyr” diýen düşünjäni örän aýdyň teswir edýär.
Hawa, kitapsyz jemgyýet kitapdan uzak, dogmalara we medeni kadalara görä ýaşamaga mejbur, instinktleriniň emri bilen gezýän, daşky görnüşiň ýesiri, durmuşyň tiz akýan bulanyk ýerinde uguralla ýüzüp ýören jemgyýetdir.
Kitapsyz jemgyýet “Daşky görnüşiň özüne çekijiligine baglanyp galan, o tarap barada alada etmeýän, “Günüm geçse bolýar” diýip ýaşamagy halaýan we bar bolmagyň manysyny unudyp, arzuwlaryny çäklendirmän ýaşaýan jemgyýetdir”.
Kitapsyz jemgyýet, dini we dünýewi, her hili kada- kanundan, normalardan, düzgün-nyzamly ýaşaýyşdan, ähli medeni aladalardan uzak bir durmuşy ündeýän jemgyýetdir. Çuňňur pikirlenmegiň, hiç zada biparh garamaýan kişi bolmagyň ýerini, maddy taýdan dokuzy düzüw, bol-elinlikde ýaşamagyň yşkyna düşen jemgyýet kitapsyz jemgyýetdir (gutarnykly many aňladanok – sözlem däl).Beýle jemgyýetde medeniýetli, okumyş adamlar sussupesdir we bir çete çekilendir. Kitapsyz jemgyýet daşky kaşaňlygy bilen, içki gözgyny ýagdaýyny basyryp saklaýan we oňa üns bermeýän jemgyýetdir. Kitapsyz jemgyýet ruhy- ahlak gymmatlyklary, gylyk-häsiýetleri, däp-dessurlary we kökleri bilen arabaglanyşygyny kesen, milli we ruhy gymmatlyklaryna eýe çykmaýan, milli we ruhy hakydasyny ýitiren jemgyýetdir.
Kitapsyz jemgyýet adam bolup dünýä inmeginiň maksadyna düşünmedik, ýaşaýyş bilen ölümiň arasyndaky sazlaşygy ýola goýup bilmedik jemgyýetdir.
Bu jemgyýetde köpçülikde özüňi alyp barmagyň iň ýönekeý kadalaryna-da ähmiýet berilmeýär. Bu ýerde gödek, edepsiz hereketler, agza gelenini sarnap oturmaklyk girişgenlik,

ýeserlik, ugurtapyjylyk, hüşgärlik diýip häsiýetlendirilýär.
Kitapsyz jemgyýetde kadaly, edepli, belli ýörelgelere görä ýaşamak ýaly zatlar terk edilýär. Jemgyýetiň her bir sosial böleginde we guramasynda “Gün güýçliniňki, gowurga dişliniňki” diýlen düşünje höküm sürýär. Netijede, sosial taýdan pese gaçyş ýetjek derejesine ýetýär welin, ol ýurt eden-etdiligiň we bulam-bujarlygyň mekanyna öwrülýär. Möjeklerem, näme, ümürli howalary halaýar, balyklary bolsa bulanyk suwda awlamak aňsat!
Kitapsyz halkyň geçmişi-de ýokdur, geljegi-de. Onuň ruhy göýdükleşendir, ol bu gün-erte ýykyljak bolup, yraň atyp duran jemgyýetdir.
Aslynda, biziň halkymyz kitapsyz jemgyýet däldir.

Ýokarda agzalyp geçilen halatlaryň köpüsi, gynansak- da, biziň gözümiz bilen görüp, şaýat bolup ýören gözgyny ýagdaýymyzdygyny hakykatyň hatyrasyna aýdan ýagşy. Biziň kitaba we okamaga ýaňadan eýe çykmagymyz üçin hiç hili päsgelçilik ýokdur. Päsgelçilik bolaýanda-da, ony ýeňip geçmek biziň öz elimizdedir. Eger şeýle bolsa, wagtymyz barka kitaba we okamaga bar güýjümizi bereliň, ýogsam, soň gaty giç bolar!

Ýusuf ÖMEROGLY.

Pedagogika we edep-terbiýe